# Ýaz arzaňy / degişme

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýaz arzaňy / degişme ÝAZ ARZAŇY

– Salawmaleýkim başlyk, aga…
– Saglykmy? Oturyň!
– Başlyk aga…
– Näme başlyk aga at dakjakmy? Işe täze geldiňmi?! Dogrumy şol?
– Dogry… ýok.
– Dogry bolsa ýaz arzaňy!
– Başlyk, neme…
– Ýok, ýok. Beýdip sypjak bolma. Arada işde iki gün bolmadygam sensiň-le. Dogrumy?!
– Neme…
– Neme– däl, dogry. Dogry bolsa ýaz arzaňy.
– Ba…
– Ýok, ýok. Utanaňogam, işe mydama gijä galyp gelýäň! Dogrumy?
– Dogry, başlyk neme…
– Nemäňi bilemok, dogry bolsa ýaz arzaňy.
– Başlyk, düş…
– Düşnükli bolsa, bolýa. Düşnükli bolany gerek-dä!
– Başlyk…
– Ýoknasyzlygyňy edip ýanyňdakylara azar berýäň gerek. Berýäň! Dogrumy?!
– Başlyk dogrusy…
– Dogrudygyny bilemsoň diýýän-dä. Ýaz arzaňy!
– Başlyk, menem bir diň…
– Diňlemek nämä gerek!
– Aýdylýan zatlar dogry dälmi?!
– Däl diýjek bolamok, başlyk. Ýöne…
– Sen däl diýibem gör! Dogrumy, dogry bolsa ýaz arzaňy.
– Başlyk dursana…
– Durjak däl. Aýdylýanlar dogry bolsa ýaz arzaňy.
– Başlyk men işlämok sizde…

– O nähili işläňok. O nähili işläňok. Işe geleňogammy asyl. Heý beýdämek bormy?!
– Başlyk. Sizde meň aýalym işleýär. Oguljygymyz boldy. Dekret otpuska çykmaly. Dokumentlerini getirdim.
– Ýaşy uzyn bolsun! Men seni biri bilen garjasdyrypdyrynow. Dogry bolsa ýaz arzaňy!
– Şeý diý-dä başlyk!

**Bäşim GUTLYMYRADOW**

*#»Oňaraýypdyr» Aşgabat «RUH» 1996 ý.* Degişmeler